# Sosial mediýa futbol dünýäsini bozýarmy?

Category: Kitapcy,Sözler,Sport we turizm
написано kitapcy | 25 января, 2025
Sosial mediýa futbol dünýäsini bozýarmy? SOSIAL MEDIÝA FUTBOL DÜNÝÄSINI BOZÝARMY?




*Sosial mediýa platformalary futbol dünýäsinde duşmançylygyň ýaýylma howpuny artdyrýar. Bu platformalar ýigrenjiň ýaýramagynyň öňüni alyp biljek serişdelere eýe.*
Futbol häzirem ajaýyp oýun we ol bize has gowy güýmenje berip, wagtymyzy hoş geçirdip bilýär. Ýöne muňa güýçli we yzygiderli ýagdaýda meşgul bolunanda, futbola bolan gyzyklanma gün-günden artmak bilen birlikde täze bökdençliklere-de uçraýar.
Şeýle-de, futbol milletparazlygyň ýany bilen etniki we dini duşmançylygyň möwç alýan pudagyna öwrülýär.
Munuň özi futbolyň berýän mazasyny bozup, futboly adalat, dürslük we başgany oňlamak ýaly gymmatlyklardan daşlaşdyrýan ýagdaý.
Sport dünýäsi ahlak duýgusynyň ýok ýerinde ýeke günem ýaşap bilmeýär. Şol sanda sport dünýäsinde bäsdeşlik bolmasa maza we şowhunam, ösüşem bolmaýar.
Käte garşydaşyňa basyş etmegiň we belki-de garşydaşyňy aljyradyp utmagyň zerurdygyna garamazdan bäsdeşlik hak iýmek we milletparaz pikirler arkaly ýöredilmeli däl.
Sport ahlak duýgusyny we «sportyň ruhy» hökmünde adalga öwrülen gymmatlyklar prinsipini ýitiren wagtynda düzgün-

tertibe eýermeýän garpyşyk meýdanyna öwrülýär.
Şeýlelikde, sport ösüş roluny, terbiýeçilik ugruny, adamkärçilik gymmatlygyny ýitirýär.
BMG-nyň baş sekretary Antoniu Guterriş 2019-njy ýylyň iýunynda möhüm ähmiýetli beýanat berdi.
Guterriş beýanatynda «Ýigrenç bütin dünýäni gurşap aldy. Fanatikler awy-zäherlerini ýaýmak üçin sosial mediýa serişdelerinden peýdalanýar» diýdi.
Guterriş sözüniň yzyndan «Ýazgarmak, täsiriniň ýaýramagynyň öňüni almak, hakykat bilen ýüzleşdirmek we günäkärleriň özüni alyp barşyny üýtgetmäge çagyrmak arkaly her hapa herekete garşy alyp barýan işimizi duşmançylykly pikirlere garşy-da ýöretmelidiris» diýdi.
Duşmançylykly pikirler bilen milletparaz sözleriň ýaýylmagy bilen sosial mediýa serişdeleriniň arasynda görnetin baglanyşygyň bardygyny indi bilmän duramzok.
Sosial mediýa serişdeleriniň berýän artykmaçlyklary arkaly milletçi pikirleriň awtorlary zäherleri has giň ugurlara ýaýma we tarapdar toplama mümkinçiligini tapýar.
Bäsdeşlik adrenaliniň pugtalandyrýan duýgularynyň ýetjek derejesine ýeten wagtynda we haýsydyr bir tarapyň utan ýa-da utulan pursatlarynda käbir sosial mediýa ulanyjylar milletçilik etmäge we duşmançylygy ýaýmaga başlaýar.
Ine, şol wagtam sosial mediýa platformalary duşmançylygy ýaýmak üçin olara bahasyna ýetip bolmajak amatly pursatlary döredýär.
Ýigrenjj we jynsparazlygy ündeýän sözler aňsat habarlaşma ýoly arkaly saman otlan ýaly tutaşyp ýaýraýar.
Soňky Ýewropa Futbol çempionatynda (EURO-2020) üç garaýagyz iňlis oýunçy Angliýanyň we Italiýanyň ýygyndy toparlarynyň başyny birikdiren soňky oýunda üç möhüm jerime urgusyny jaýdar urup bilmedi.
Bu bolsa Angliýanyň çempionlyk kubogyny gazanmak arzuwynyň puja çykmagyna sebäp boldy.
Ençeme ýyldan soň çempionlyk kubogyny alarys õýdüp tama eden iňlis janköýerleri üçin munuň özi gynandyryjy zarbady.
Şonsuzam Angliýa futbol boýunça janköýerlerini begendirip

biljek halkara üstünlikleri gazanyp bilmändi. Munuñ sarsgyny öte ýaman boldy.
Emma sport ruhy bilen netijä razy bolup, utany gutlamak we utulanyñam elini gysyp ruhlandyrmagyñ ýerine käbir janköýerler güýjüni jerime urgularyny urup bilmedik oýunçylara hapa-paýyş sögünip harçlamaga başlady.
Iñlis hökümeti bu masgaraçylykly ýagdaýyñ öñüni almak üçin futbol dünýäsini gurşap alan jynsparazçylykly meýilleriñ ýaýramagynda uly rol oýnaýandygy sebäpli, sosial mediýa platformalaryna basyş etmäge synanyşdy.
Munuñ üçin premýer-ministr Boris Jonson şol platformalaryñ wekilleri bilen duşuşyk geçirdi.
Jonson duşuşygyñ yzyndan eden çykyşynda «Uly sosial mediýa platformalarynyñ wekilleri bilen gepleşdim. Internetiñ berýän zyýany boýunça kanunçylygy işläp düzmek barkaly meseläni çözmäge girişjekdigimizi olara pugta düşündirdim. Bu platformalar ýigrenji we jynsparazçylylykly pikirleri beýan edýän teswirleri doly öçürmeseler halkara girdejileriniñ 10%-ne çenli jerime edilerler. Hemmämizem bu platformalaryñ muny etmäge güýji ýetýän tehnologiýa we mümkinçilige eýedigini bilýäris» diýdi.
Munuñ özi diñe hökümetiñ görkezen tutumy däl. Soñky wagtlarda «Statsya» guramasynyñ geçiren pikir soralşygynyñ netijesi Birleşen Korollykdaky (Angliýa) futbol janköýerleriniñ 44%-i, sosial mediýa platformalarynyñ oýunçylara gönükdiren jynsparazçylykly sözleriniñ öñüni almak boýunça has köp iş alyp barmalydygyny görkezýär.
Başga bir ýandanam beýlekiler ýigrenç we jynsparazlyk howpunyñ öñüni almak üçin ýeterlik çäreleriñ görülmedik ýagdaýynda oýunçylaryñ platformalary boýkot etmelidigini aýtdylar.
Futbolçylara garşy jynsparazçykly masgaralamalar diñe Birleşen Korollyk ýa-da Ýewropa bilenem çäklenenok.
Tersine, bu ýagdaý arap ýurtlary bilen bir hatarda dünýäniñ beýleki sebitlerinde-de güýçli formada ýaýylýar.
Sosial mediýa platformalary futbol dünýäsinde ýigrenjiñ ýaýylma howpuny artdyrýar. Bu platformalar duşmançylygyñ ýaýramagynyñ öñüni alyp biljek serişdelere eýe. Emma olar şu

meselede etmeli işlerini edenoklar. Elbetde, munuñ gorkunç netijelerine garaşybermeli.

Dr. Ýasir ABDULAZIZ.

Sişenbe, 27.07.2021 ý. Sport we turizm